# Ýör-eý, gardaş!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýör-eý, gardaş! ÝÖREÝ, GARDAŞ!




Ýör-eý, gardaş, gideli şol daglara,
Şol daglarda meniň ilen-çalanym.
Şo daglary synlamagam gowudyr,
Şonuň üçin taşla kagyz-galamyň.
Gör ahyryn, daşy ýaran arçany!
Gör ahyryn, dagda biten arpany!
Men soraýyn goja daglaň birinden
Özümden öň ötüp geçen arkamy.

Bilýän, ol ýylgyrar meniň gepime
Hemem diýer: “Haý, bihepbe diýsäni…”
Oň gürrüňi degse-de meň çetime,
Şol daglardyr ýüregimiň suwsany.

Goýbereli duýgularyň jylawyn
Şu daglaryň arasynda, gardaşym.
Diňläli biz dagdan inýän bulagyň
Özün daşa urup aýdym aýdyşyn. Goşgular